# Yhlas – bagtyñ gapysy -1/ hakyda topukçalary

Category: Ertekiler,Filosofiýa,Goşgular,Kitapcy,Romanlar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Yhlas – bagtyñ gapysy -1/ hakyda topukçalary

YHLAS – BAGTYŇ GAPYSY

Adamda hakyda atly örän gymmatbaha genji-hazyna bar. Gündelik ýazan beýik şahslar, döwlet işgärleri, akyldarlar, ýazyjylar öz gündeligini ýazanynda ähmiýetli bolan her bir wakany, ahwalaty jikme-jikligi bilen, gününi, senesini ýazyp, geljekki nesle ýadygär galdyrýar. Hakyda diwany hem Adam oglunyň ajaýyp diwany – gündeligi. Emma gündeligiň – adam hakydasynyň örän köp aýratynlyklary bar. Munda her bir ähmiýetli pursat aýdyňlygy, gyzgynlygy, röwşenligi bilen parhlanýar.
Men türkmen taryhyny okadygymsaýy türkmenligime guwanjym, buýsamjym artdy. Eý-ho, nähili beýik taryhymyz bar eken biziň! Men özümiň şeýle beýik taryhymyzyň bardygyny hiç ýerden okamadygam bolsam, aňýardym. Şol aňlamam bu gün hakykata öwrüldi.
Boýnuma alaýyn, şu günki gün meniň öz durmuş ýolum hakda ýatlama ýazmak höwesim ýok. Belki, onuň hem wagty geler. Ýöne gündeliklerim – meniň ömrümiň parçalary. Gündeliklerimde nämeler bilen gyzyklanandygymy, nämeler hakda oýlanandygymy okap bilersiňiz. Meniň özüm-ä öz ýaşlygymy, geçen günlerimi ýatlamak islesem, gündeliklerimi elime alýaryn. Şonda her ýazgy, ol ýazgynyň döreýiş taryhy meniň göz öňümde janlanýar.
Gündeligim – meniň syrdaşym, syrly sandygym. Hyjuwymyň sarç keýik deýin baş bermedik çagy, şatlygymyň dolup-daşan pursaty men elime gündeligimi alýaryn. Begenjimi-gynanjymy, tapan täsin pikirlerimi ýazga geçirýärin. Şeýdibem joşgunyma, hyjuwyma badalga tapýaryn. Ýürek telwaslarymy öz-özüm bilen

paýlaşmak isleýärin. Adama özünden gowy düşünýän ýok. Şonuň üçin men gündelikde öz-özüm bilen bolýaryn. Sen beýle bol, sen eýle bol diýip, öz-özüme maslahat berýärin. Şonuň üçin hem gündeligim – meniň içki menimdir.

Gündeligim – içki menimdir, wagt geçse-de, soňundan ýaşlygym bilen duşuşmak mümkinçiligimdir.

Gündeligim – meniň öz-özüm bilen içdöküşmelerimdir.

* * *

Deň-duşlarym belli bir hünäre ýa-da ylmyň belli bir ugruna ýykgyn edýärler. Ylaýta-da, emeli Hemranyň uçurylmagy, kosmosa ýol açylmagy ýaş ýigitleriň durmuş arzuwlaryna we hünär saýlap almak höwesine güýçli täsir etdi. Deň-duşlarymyň käbiri hatda kosmosa uçmagy arzuw edýärdiler. Belki, şeýle ählumumy ruhy ymtylyş maňa-da täsir etse edendir. Ýöne meniň mekdep ýyllaryndan bäri gyzyklanýan ugurlarym bar. Men türkmen dili we edebiýaty ugrundan gitmek isleýärdim, kosmas belentligi welin, meni öz günüme goýmaýardy. Beýik galkynyşlar hakda ýazmak höwesim bar. Emma men ýetginjeklik döwrümiň bu ählumumy arzuwlaryndan biraz çeträkdedim. Sebäbi Ýerden Älemiň garaňky giňişliklerine göterilmek hemmäniň paýyna düşjek zat däl ahyryn. Deň-duşlarymyň şol arzuwlarynda bolsa, men adam ogluna, ylaýta-da, ýetginjeklik ýyllarynda mahsus bolýan howaýylygy görýärin.

Howaýylyk – soňy boş, düýbi ýok bir hyýal. Biziň döwrümizde bu gözel türkmen sözi ulanyşdan galyp barýan ýaly. Çagakam bu sözi ýaşulularyň dilinden köp eşidipdim. Çagalykda eşiden zadyň gulagyňda, çagalykda göreniň gözüňde ömürlik galýan eken. Men muňa adam şahsyýetiniň ösüş, adam hakydasynyň kemala geliş kanunalaýyklygy diýip düşünýärin. Biziň döwrümizde «howaýylyk» diýen sözüň ulanyşdan galyp barmagynyň aslynda başga bir kanunalaýyklygy görýärin: adamlar göýä özleriniň ham-hyýala, howaýylyga batyp galanlaryny gizlejek bolýan ýaly, bu sözi agzamakdan çekinýärler öýdýän. Hamana, ogrynyň ogrulyk hakynda gürrüň edesiniň gelmeýşi ýaly! Hawa-da, öz aýbyňy ýüze çykarýan sözi kän bir ulanasyň gelibem durmaz…

Adam öz etmeli – Allanyň ýaradyşy boýunça etmeli işlerinden ýüz öwrüp, bolmajak zatlaryň arzuwyny otaryp ugranda,

howaýylyk ýüze çykýar. Howaýy gürrüň – şahsyýetiň ejizliginiň, şahsyýetiň güýçsüzliginiň alamatydyr. Deň-duşlarym durmuşda, şu Zeminiň üstünde her kimiň edibiljek hem etmeli işlerine baş goşmagyň deregine bolsady ekýärler, howaýy gürrüň edýärler. Diýmek, olarda şahsyýetiň derejesi pes.
Meniň, hudaýa şükür, ýaňy durmuş ýolum başlanýar. Men sada, anyk hem-de hakyky zatlaryň gürrüňini etmegi, şol zatlar bile meşgullanmagy gowy görýärin. Şonuň üçin hem öz ömür tugum, öz durmuş etsem-petsemlerim barada şuny aýdyp biljek:
Meniň açmaly giňişligim kosmosyň garaňky nämälimligi däl-de, öz halkymyň beýik geçmişiniň bize nämälim giňişlikleridir. Bizden näçe ýaşyrylýan hem bolsa, türkmeniň milli geçmişiniň juda baýlygy hem beýikligi görnüp dur. Meniň häzirlikçe okan kitaplarym hem maňa güwä geçýär. Iň söýgüli kitaplarymyň biri – MITT (Türkmenistanyň we türkmenleriň taryhy boýunça maglumatlar). Diňe terjime edilen çeşmelerden hem türkmen topragynyň beýikligi, türkmen halkynyň edermenligi we gadymylygy görünýär. Ýüregim türkmeniň geçmiş beýikligine bolan buýsanç bilen gürsüldeýär. Türkmeniň geçmişini açmagy we ony dünýä ýaýmagy ömrümiň esasy maksady hasaplaýaryn.
Näme diýseňem, ýaşlygyň öz kanunlary bar. Ýaş ýigit arzuwçyl bolýar. Sebäp diýeniňde, ýaşalmaly ömür entek öňde ýaýylyp ýatyr, ýaş ýürek duýgulardan, süýji hyýallardan dolup dur. Adamlaryň köpüsiniň nähili döwürde ýaşanda-da, ýetginjek mahallary goşgy goşýandygy tebigy zatdyr, bu ýaş ýüregiň howalylygy bilen baglanyşyklydyr. Ine-de, bir köne türkmen sözi – howalylyk! Atam ýeke galan pursatlary, geçmişi, adamlary ýatlap, birhili dünýä barada oýlanyp, gama batan pursatlary Magtymgulyny kän gaýtalardy:

Ne külbe galar, ne Watan,
Senemler seýl edip öten.
Toty, bilbil mesgen tutan
Howaly baglar görüner!

Men Magtymgulyny bagşylaryň aýtmagynda hem kän diňläpdim. Dutaryň owazy bilen goşluşanda Magtymgulynyň owazy has hem

zaryn çykýar. Magtymguly öz döwrüniň ruhy, öz döwrümiň ahy. Magtymgulyda lapykeçligiň köpdüginiň sebäbi döwür bilen berk baglanyşykly. Magtymguly Gurhany Kerimi çeper dilde türkmeniň gursagyna guýýar. Türkmen Gurhany Magtymgulynyň goşgularynyň üsti bilen kalbyna guýýar.

* * *

Arzuw etmek gowy zat. Onda-da howaly arzuwlar ýaşlykda tebigydyr. «Arzuwsyz ýaşlyk – akylsyz garrylyk bilen deň zatdyr». Bu pikir köpden bäri aňymda uly orun eýeleýär. Ýöne arzuw hem hakyky bolsa, adam ýaş hem bolsa, ýerden aýagyny üzmese ýagşy. Mekdebiň soňky klaslarynda okaýarkam, mugallymlaryň täsiri, durmuşyň täsiri bilen Marksy, Engelsi, Lenini köp okadym. Men olaryň beýan edýän dünýä hakykatyna doly göz ýetirmek isleýärdim. Mugallymlaryň näme, her hilisi bar. Sapak, tema geçmän, şol öz zadyna, öz pikirlerine gümra bolup, sagadyny geçirýänleri-de bardy. Şeýle mugallymy okuwçylaryň bary tanaýardy. Şonuň üçin hem onuň sapagy başlandygy, her kim öz işi bile gümradyr. Şeýle bolanda, men hem öz kitaplarymy alardym-da, iň yzky – adamsyz parta geçip, okap oturardym. Köplenç hem, Marksyň, Engelsiň mekdep okuwçylaryna, ýaşlara niýetlenen kitaplaryny okardym. Ol kitaplar meniň üçin diýseň gyzykly. Ol kitaplar meni dünýä filosofiýasynyň jedelli çuňluklaryna alyp gidýär. Ol ýerde bolsa biziň ýaly ýaşlar üçin öwrenere zat juda kän. Marksyň «1844-nji ýylyň ykdysady-pelsepewi golýazmalary», «Keramatly maşgala», «Feýerbah hakyndaky tezisler», «Nemes aňyýeti», Engelsiň «Maýmynyň adama öwrülmek prosesinde zähmetiň orny», «Maşgalanyň, hususy eýeçiligiň we döwletiň emele gelmegi» ýaly eserlerini okardym. Marksyň bütin ömri işçiler synpyna bagyşlanypdyr. Bu bolsa mende köp ikirjiňlenme, güman döredýärdi. Ol mekdebi gutaranda ýazan düzmesinde bütin adamzada gulluk etmegi arzuw edýärdi. Emma weli ol diňe adamzadyň bir bölegine – proletariata pikir ýaragyny berdi. Marks adamzady ikä böldi. Onuň eserlerindäki «ýaragly rewolýusion agdarylyşyk», «hususy eýeçiligiň ýok edilmegi», «dünýäni düşündirmek däl, dünýäni özgertmek gerek», «dini aradan aýyrmak üçin jemgyýeti rewolýusionizirlemek», «dünýäni

sosialistik täzelemek» ýaly jümleleriň manysyna köpler düşünmese-de, düşünýänler az däl.
Men öz pikirlerimi diňe gündelik bilen paýlaşyp bilýärin. Sebäbi pikiriňi aç-açan aýtmak gowulykdan başga hemme zada getirip biler.
Gaty bir gelşiksiz bolmasa-da, şeýle bir meňzetmäni agzamakçy! Türkmene XX asyrda degen bir näletsiňmiş ýoň bar – oňa arak diýýärler. Arak barada halk arasynda şeýle gürrüň bar: «Aragy diňe çüýşe saklap bilýär». Şunuň mantygyny – logikasyny göçürip aýtsam, biziň döwrümizde syry diňe kagyz saklap bilýär. Galyberse-de, ýene şeýle bir durmuş kanunalaýyklygyny kesgitläp biljek:
Asyl, gelip çykyş adamyň häsiýetini taýýarlaýar, ykbal bolsa şol häsiýeti gutarnykly kesgitleýär. Men juda ir ýetim galdym. Ýetimligem ne ýetimlik – ne ene, ne ata, ne dogan – sopbaş ýetim diýilýäni-dä. Hatda ýüzüme ýylgyryp bakan dogan-garyndaş hem bolmady mende. Şeýle ykbal häsiýetimi terbiýelemelidi. Ýürek syrymy aýdybermezligi, adamlardan çetleşmek, köplenç öz-özüň bile bolmak endik bolupdyr. Döwür bilen asla ylalaşmaýan pikirlerimi daşyma çykarmazlyk üçin gerek endikler-dä. Şonuň üçin hem men özüm hem bilmezden köp howplardan aman galan bolsam gerek.
Gündeligiň ullakan bir artykmaçlygy bar: hiç ýerde aýdyp bolmaýan pikirleriňi gündeligiňde öz-özüňe aýdyp bolýar. Gündeligim – meniň syrdaşym. Gündeligim – syr saklaýan mähek daşy. Gündeligim meniň şatlygymam, gaýgy-gussamam deň paýlaşýar. Maňa göwünlik berýär.
Eý, Hudaý, ýürek joşgunyňy şeýdip egsip bolmaýan ýagdaýynda näderdimkäm?!
* * *
Adamzat akyl-paýhasynyň düýp manysy we onuň hakykata gatnaşygy barada men şeýle pikir edýärin: esasy gep akyl-paýhasyň özünde däl-de, şonuň haýsy maksatlara hyzmat edýänlidigindedir. Ine, «Akyl-paýhas, ylym adama peýdaly, onuň gözüni açýar» diýýärler. Meniň pikirimçe, bu dogry däldir. Akyl-paýhas adamyň zyýanyna hem işläp biler. Ol onuň gözüni açmak däl, ony kör galdyryp hem biler. Häzirki wagtda türkmen halkynyň

taryhyny nädogry beýan edýän kitaplar köp. Olara ynansaň, türkmeniň taryhy hem bolmandyr, geçmişi hem bolmandyr. Türkmen ýaňy-ýaňylar – XIV-XV asyrda dörän milletmiş. Geçmişde hem ol gara öýden, çölde mal yzynda entäp ýörmekden başga zady bilmänmiş. Emma taryhy oňat bilýän az sanly adamlar türkmeniň geçmişde nähili beýik halk bolandygyny bilýärler. Olar hem gitdigiçe azalyp barýarlar.
Men munuň üçin örän köp okaýaryn. Pelsepe, taryh, edebiýat, sungat, din, tebigat ylymlary – bular meniň gyzyklanmalarymyň örüsini kesgitleýär. Pelsepe – täze dünýägaraýşy edinmegiň usulydyr. Marksizmden tapawutlanýan dünýägaraýyş edinmek juda zerurdyr. Çünki, özge dünýägaraýşa geçmezden, täzeçe pikirlenmek, jemgyýeti başgaça gurnamak mümkinçilikleri barada pikir etmek hem mümkin däldir. Köplenç, Platony – Eflatuny okaýaryn. Platony biziň döwürdeş alymlarymyzyň içinde A.F.Losewden oňat düşündirýäni ýok. Platon – hakyky akyldar. Ýagny ony okanyňda, pelsepäniň ylym däl-de, özbaşdak bir akyl işidigine düşünýärsiň, şeýle akyl işiniň düýp manysy bolsa dünýä bitewülikde akyl ýetirmekdir. Ylym bolsa dünýäniň haýsy hem bolsa bir tarapyny alýar, şonuň üçin ol hakykat näme diýen soragy goýup hem bilmeýär, çözüp hem.
Platony okanyňda, bir ajaýyp çeper eseri okanyňdaky ýaly lezzet alýarsyň. Mundaky paýhasyň sazlaşygy özge hiç bir pelsepede ýokdur. Men, ylaýta-da, Platonyň ruhunyň rasionalizmiň çägine sygmaýan düýplüligini gowy görýärin. Diňe Platon seni, seniň akylyňy ýaşaýşyň ýüzleý empirikasyndan alyp gidýär. Diňe şonda Älemiň gözüne görnüp duran zatlardan has alyslara gidýän bir uniwersallykdygyna akyl ýetirýärsiň. Platonda esasy zat şu metafiziki alyslykdyr. Hatda Gegel hem Platon bilen deňeşdirilende has rasional, has gurak görünýär. Platon filosof hem bolsa, ol diňe gurak paýhas, silogizm bilen çäklenmeýär. Onda akyl bilen duýgy bir bitewülik. Meniň gözüme Aristotel hem ondan ýöntemräk görünýär. Aristotel güýçli, giň pikirlenýär, emma onda Platonyňky ýaly çuňňurlyk ýok. Aristotelde paýhasyň tehniki, metodologiki ukyplary güýçli ösen, emma Platonda weli paýhasyň ruhy ukyplary birinji orunda durýar.

Pelsepe – ilkinji nobatda ruhy pikirlenmedir. Men pelsepäni ylym bilen ýakynlaşdyrmak meýillerini halamaýaryn. Olar meniň ruhy mädäme degýärler. Men irrasional pelsepäni öz ruhumyň tebigatyna has ýakyn hasaplaýaryn. Pelsepe ruhuň meseleleri bilen iş salyşmaly. Bu bolsa hut marksistik ülňüli pelsepäniň gapma-garşylygydyr. Leniniň «pelsepewi depderleri» pelsepäniň nähili bolmaly däldigininiň nusgasydyr. Bu pelsepe däl-de, ideologiýa, syýasat. Sebäbi ol ýekegat pikirlenme esasynda gurnalan. Pelsepe näme hakda söz açsa-da, öz simwoliki tebigatyny ýitirmeli däldir. Ol köňle, duýga täsir etmelidir. Duýgy şireliligi, duýgy gözelligi, duýgy baýlygy ýok ýerinde, pelsepe däl-de, gurak pikiriň tehnologiýasy bardyr. Hut şonuň üçin hem Aristotel, Ibn Sina, Spinoza, Leýbnis, Wolter, Didro ýaly akyldarlary özüme ýat hasaplaýaryn. Olara derek Platon, Plotin, Paskal ýaly akyldarlary öz ruhy doganlarym hasaplaýaryn.
Arman, bize bu gün dünýäniň ähli beýik pelsepeleriniň mirasy bilen tanyşmak mümkin däl.
Wagt hem ýetip duranok.
Adama ýetmeýän diňe pul bolanda, onda ýaşaýşyň bir alajy bolýar.
Adama wagt ýetmese welin, ol kejebäňi daraldýar.
Ýöne, dogrymy aýdaýyn, puluň, wagtyň ýetmezçiliginden belli bir derejede lezzet alýaryn.
Biziň ýaşymyzda islegiňe ýetmek – kütekleşmek.
* * *
W.Bartoldyň türkmenler barada ýazan zatlarynyň hemmesini okap çykdym. Käbir makalalary bolsa gaýtalap okadym. Bularyň baryny tapmak aňsadam düşmedi. Emma «atylan ok daşdan gaýtmaz» etdim. Eden yhlasyma-da degdi.
W.Bartold türkmeni ýürekden hormatlan taryhçy. Bartold türkmeniň orta asyrlardaky taryhyny dogry ýazyp görkezipdir. «Türkmen halkynyň taryhynyň oçerki», «Türki eposy we Kawkaz» ýaly işleri has hem güýçli täsir etdi. Alym türkmeniň gelip çykyşy barada gürrüň edende, VIII asyrdan başlaýar. Ol seljuklaryň taryhyny oňat düşündiripdir.
Hakyky alym anyk pikirlenmäniň eýesidir. Ol anyk mesele

goýmagy we ony anyk suratda çözmegi başarýar. Emma muny gazanmagyň, gör, nähili hupbaty bardyr! Bartold: «Türkmenler taryhy iň baý türki halkdyr» diýip ýazýar. Bu baý taryhy gysgaça hem bitewi beýan hem edýär. Eý-ho! Akademigiň bu pikirleri nire, biziň Kompartiýamyz tarapyndan ýöredilýän syýasat nire?
Bartoldyň işleri meniň türkmeniň taryhyny ilik-düwme öwrenmek höwesimi has hem artdyrdy. Men «MITT»-i, «ÝUTAKE-niň işlerini» gaýtalap-gaýtalap okaýaryn. Türkmeniň geçmişiniň beýikligini bilmek isleseň, şulary okabermeli. Bu işler mende türkmen taryhyny ýazmak pikirini döretdi. Emma oňa haçan wagt bolarka?! Haçan ýazsam hem, bu meniň türkmen taryhyny öz görüşim bolar. Wakalardan, bagtly hem pajylagy sahypalardan ybarat baý taryhy bar türkmeniň. Türkmende, gör, nähili şahsyýetler, nähili beýik döwletler bolupdyr.
Türkmen taryhynyň şeýle ýagdaýy, türkmeniň ösüşine däl-de, tesişe tarap gidýän taryhy marksizmiň taryhy garaýyşlaryny ýalana çykarýar. Marksistik taglymata görä taryh diňe ýokary galyş şekilinde bolup geçmeli. Emma beýle däl. Türkmen XVII asyrdan başlap millet hökmünde ownap gidipdir. Birmahallar sansyz döwletleri, bütin Günbatara hem Gündogara ýaýylyp ýatan imperiýalary döreden türkmen öz içinden tozupdyr. Munuň sebäbi nämekä? Bu sowala jogap bermek üçin anyk ylmy-barlaglaryň geçirilmegi zerur. Ynha, bir zat aýdyň: türkmeni daşyndan hiç kim ýykyp bilmändir, näme sebäp bolsa-da, ol içki durmuş bilen baglanyşykly bolmaly.
Näme üçin türkmeniň taryhyny gizlejek, ýaşyrjak bolýarlarka? Men taryhda iki sany uly güýji görýärin: birinjisi – hakyda, ikinjisi – milli duýgy.
Hakyda nesilleriň arasyndaky ruhy baglanyşygy güýçlendirýär. Hakydasy oýanan milletiň geljegi kepillendirilendir. Hakyda – ata-babalaryň edermenligi, güýçlüligi baradaky ruhy ýatlamalardyr. Bu ýatlamalar milletiň häzirki aňynyň tebigatyny hasyl edýär. Milli aň ösýär, millet özüniň häzirki düşen ýagdaýyny göz öňüne getirmäge mümkinçilik alýar.
Milli duýgy taryhy bar indiwid derejesinde aňlatmaga ýardam edýär. Eger hakyda milletiň gözüni açsa, milli buýsanç duýgusy

milletiň ellerini boşadýar, aýaklaryny herekete getirýär. Milli buýsanç duýgusy oýanan millet hiç mahal başga birine elgarama ýaşamaga razy bolmaz.
Adamyň akylynyň tebigaty şeýle: akyl hiç mahal taryhsyz oňup bilmeýär. Türkmeniň asyl taryhy – XX asyrdan öňki taryhy bary-ýogy az sanly kitaplarda, özem türkmençe däl kitaplarda gizlenilýär.
Men oturyp pikir etdim: men näme taryh bilen beýle gyzyklanýarkam? Çünki, meni milletimiň geljegi gyzyklandyrýar, geljek meni alada goýýar.
Geljegiň nazarýetleri geçmişdedir. Şonuň üçin hem men esasy okumywyň we işimiň daşyndan hemişe türkmen taryhy bilen meşgullanyp gelýärin.
W.Bartold hakykaty – türkmeniň taryhynyň beýikdigini, türkmen halkynyň geçmişde beýik-beýik döwletleri döredendigini, hatly-sowatly halk bolandygyny anyk maglumatlar esasynda ýazypdyr.
Bu maglumatlar hem akademigiň jiltlerinde ýazylan. Meni haýran galdyrýan zat Türkmenistanda bu kitap ýok ýaly?
Akademigiň hakykatyny Türkmenistana, türkmen halkyna nädip ýetirmeli?!
Men bu soraglaryma  jogap tapamok.
* * *
Oglanlar maňa Matfeýiň Isa pygamber hakyndaky kitabyny tapyp berdiler. Elbetde, ol gadagan kitap. Ol kitap bilen tutulaýsaň, komsomoldan ýa partiýadan çykaryljagyň hak, institutdan çykarylaýmagyňam daşda däl. Men ýukajyk kitaby bir demde okap çykdym. Ikinji ýola has göwnüme oturan ýerlerini okadym. Soňra ýadymda berk galar ýaly göwnüme jüňk bolan jümleleri, sözlemleri, öwütleri ýörite depder tutup göçürdim. Ylym adamlary: «Eger hakydaňa müdimilik ýazjak bolsaň, depdere göçür. Hakydaňa göwnüň ýetmese ikinji ýola, üçünji ýola göçür» diýýärler. Meniň hakydama göwnüm ýetýär. Men kitaby okanymda hakydama ýazylanlary ýatdan göçürip ýazyp, iň soňunda hem degşirip gördüm. Ählisi diýen ýaly dogry ýazylypdyr.
Elbetde, keramatly kitap diýip ýöne ýere diýilmeýär. Men göwnümiň dokunyp, kalbymyň aram tapandygyna, deňiz ýaly köşeşendigime göz ýetirdim.

Hanha, saçlary towlamaly Isa pygamber apostollaryny yzyna düşürip dagystan bilen barýar, onuň söhbedini diňlän obadyr şäher adamlary onuň keramatly sözlerinden ganman, topar-topar bolup yzyna düşüp barýarlar. Isa pygamber şelleri, körleri açýar… kesellileri derdinden gutaryp barýar…
Dünýäde bolsa dertli köp. Dertli bende gaty köp… Olaryň ählisini Hudaý janyň özi açaýmasa, bendesiniň alajy ýok…
Ýöne Isa tanyşlary deýin halkyň kimdir birine uýmagy, ynanmagy gerek.
Ynansaň kerlikdenem, körlükdenem açylsa bor…
Dünýäde iň erbet zat ynanandan bolup, ynanmazlyk… Şeýle netijä geldim: ösüş – ynançdan başlanýar. Üstünlik– ynançdan başlanýar.
Ynanýan kişiniň işiniň müşgili bolmaz.
* * *
Bary-ýogy iki wagondan ybarat tramwaý…
Assajyk gidýär. Islän öwrümiňde düş, islän ýeriňde kowup münüp ýörmeli ulag. Demir ýola degýän polat tigirler nerwleriňi gyjyndyrýar…
Dürli kysymly maşynlaryň arasy bilen on dokuzynjy asyryň galyndysy ýigriminji asyryň tizligine goşulyp bilmän barýar…
Gözgyny… Gözgyny tramwaý…
* * *
Hristian dünýäsinde müňlerçe-müňlerçe ajaýyp sungat eserleri hut haçrapazlar dininiň ýardamynda dünýä inipdir. Mertebeli ybadathanalara beýik nakgaşlar surat çekip beripdirler.
Din doga bolup diňe gulagyňdan girmän, gözüňden girýär. Ynha, hristian dininiň beýik artykmaçlygy!
Men rus dilinde Gurhany okap gördüm, dogrusy pygamberiň: «Surat çekmek gadagan!» diýen ýerine gabat gelmedim, belkem…
Muhammet pygamberimiz janyndan syzdyryp arak-şerap içmezligi pent edýär, emma arak-şerap içilýär.
Muhammet pygamberimiz zyna iş etmäň, ýaramaz işdir diýip, öwran-öwran pent edipdir, emma zyna iş edilýär. Zyna işler müňlerçe ýazyjylaryň eserlerinde, kinoçylaryň, teatr işgärleriniň eserlerinde aç-açan görkezilýär.
Muhammet pygamberimiz ogurlyk etmäň, uruşmaň, sögüşmäň diýip

pent edipdir, emma ogurlyk hem edilýär, urşulýar…
Heý, musulmanlar! Pygamberimiziň etme diýen işlerinden, gadagan diýen närselerinden hemmesini edip, bir surat çekmek baradaky diýenini berjaý edişiňize men gaty haýran!
Müňlerçe Goýýalar, Welaskesler, Mikalenjolar, Leonardo Da Winçiler musulman dünýäsinde döremelidi, emma…
* * *
Ajaýyp kitaby okamak kiçi bagt däl!
Meni okamak hem ýazmak höwesi tolkunyna dolap, haýsydyr bir girdaba äkidip taşlaýar… Gowy kitap kän, örän kän. Olaryň haýsy birini okap çykjak!
Diňe rus klassykasynyň beýik eserlerini okamak üçinem uzyn ömür gerek, fransuz, ispan, italýan, amerikan akyldarlarynyň, ýazyjylarynyň eserlerinem okamaly ahyryn.
Hojalykçy adam ýolda ýatan bir bölek demri hem ýoldan aýryp zyňyp goýbermeýär. Näme etjekdigini, nämä gerekdigini bilmesede, geregi çykar diýýär. Menem geregi çykar diýip belläp ýörün. Alla bilsin geregi çykjakmy, çykmajakmy! Men okan kitabymdan galan täsirleri, ondaky täsin pikirleri ýörite bir depdere belläp çykýaryn, sebäbi hakydanyň gözi, gulagy bolýar: ol myhmanhana ýaly: okaýaň, bilýäň, ýöne ýyllar geçip, olar ýatdan çykmak bilen… Emma dana adamlaryň aýdyşy ýaly, gerek zadyňy ýazyp konspektirleseň, ol baýlyk hemişe seňki. Ulansaňam öz baýlygyň, ulanmasaňam.
Kitaby okap, gowy ýerlerini ýazyp almak hakydanyň ikinji gatlagyny – müdimi gatlagyny edinmek ahyry.
* * *
Dünýä syr… Pynhan syr…
Dünýäni müňlerçe, on müňlerçe ýyllar bäri dürlüçe düşündirjek bolupdyrlar, olaryň aňrybaşy erteki, rowaýat pisint, bärisi bolsa ylma baryp direýär. Gadymy dünýäde adam paýhasyny dünýä ýetirip bilmän, ýüzlerçe, müňlerçe rowaýatlary döredip, hudaýlary döredip, ynanypdyrlar, bu gün weli olaryň ynanan ynanjy rowaýatlar ýaly ýöntem.
Gaty köp halkda bolşy ýaly, türkmende-de her kimiň özüniň täleý ýyldyzy bar. Her kişiniň ýerdäki ykbaly gökdäki şol ýyldyzyna bagly! Gökdäki şol ýyldyzlaryň şöhlesi ýere bir

million ýyldan gelip ýetýär, bu eýýäm ylym. Emma şony bilýän adamlaram ynanýar…
Men ýunan rowaýatlaryny gowy görýärin.
Gadym zamanlarda Prometeý asmandan ot ogurlap zemine bagyş edipdir, ol ýeriň adamyna hünärleri öwredipdir. Germes bolsa zemine asmanyň ýer baradaky pynhan maglumatyny getirip berýär, hat-sowat öwredýär.
Germes ýunan hudaýlarynyň biri Zewsiň ogly. Germesiň ejesi Maýýa, Atlantanyň gyzy! Maýýa ogly Germesi dagyň çuňňur garaňky gowagynda dünýä getirýär. Grekleriň älem baradaky düşünjesine görä ýokarky pelek – Asman, aralyk – Ýer, peski pelek – ýerasty şalyk. Gowak – ýerasty şalyga barýan ýol. Aşaky dünýäniň nyşany. Ýeriň astyndaky altyn, kümüş, göwher, lagyl ýaly baýlyklar aşaky dünýäniň baýlygy. Ol baýlyk adamyň başyna uly külpetleri, bedibagtlyklary getirýär.
Ýokarky pelek, ortaky dünýä, aşaky dünýä.
Germes dünýä zemin syryny, akyl-paýhasyny, hat-sowadyny bagyş edipdir.
Adam ogly üçe bölünýär: bir bölegi asmana, arşy ylymlara, syrlara ymtylýar. Ýene bir bölegi zemine, gara ýerde sähmet çekip, ýeriň baýlygy bilen gül ýaly mydar edip, ömrüniň manysyny ýerden agtarýar. Üçünji bölek bolsa baýlygyň ýesiri. Mugt baýlygyň! Olaryň baýlygy ýeriň aşagynda gömülgi.
Germesiň zemine beren akyl-paýhasyna görä baş Hudaý dünýäni ýaratmazdan ozal, onda ýaşajak adamlaryň ruhlaryny hem ýyldyzlary ýaradypdyr. Ruhlar öz ýyldyzlaryny agtaryp sergezdançylyk çekipdir.
Rowaýat ýöntem hem bolsa, garaz, kanagatlandyrýar. Ruhum atygsap asmana ymtylýar!
Türkmen rowaýatlarynyň sagdynlygyna, çeperçiliginiň, many-mazmunynyň çuňlugyna buýsanýaryn.
* * *
«Hernäçe ýaşasaň ýeriň ýüzünde…»
Adam adamlykdan ýokary göterilip, ylymlar dünýäsine aralaşyp başlany bäri iki zady örän ykjam agtarýar:
Dirilik abyköwser suwuny – baky ýaşlygy.
Akyl daşy – mähek daşy.

Atam Arçman ata hakda bir rowaýat gürrüň beripdi. Rowaýat şeýle: bir garry adamyň endam-janyna iriňli ýara çykýar. Pakyr dirikä çüýräp barýarmyş. Ol öz bolşundan utanyp gije öýden, ilden çykyp gidýär. Gözgyny bolup ýatanymdan, daglarda ölüp gideýin diýip. Gidip barşyna öňünden bir çeşme çykýar. Şol çeşmä ýuwunýar, aryp ýadap baransoň, Güne meýmiräp ýatyp galýar. Bir oýansa ýuwnan ýeriniň ýaralary bitip başlapdyr. Garryja adam bir gudrat bar bolaýmasyn diýip, ol çeşmä suwa düşýär, görse, gün-günden ýaralary gutulyp, göwresine kuwwat gelip, gursagyna ýaşaýyş hyjuwy gelip başlaýar.
Bir aýdan goja ýaş ýigit bolup öýüne dolanýar. Ony kempirem, çagalaram tanamaýar. Ol aýalyna bolan zatlary bolşy-bolşy ýaly gürrüň berýär. Pah, aýal diýen millet ýaşlyk hakdaky gürrüňi eşidip durup bilermi! Adamsyny öňe salyp, aýlyk iýjek-içjegini alyp, gidýärler şol çeşmä!
Adamsy awa güýmenýär, kempir suwa düşýär. Bir sebäp bilen kempiri ýaş gelin bolan çagy goja awa gidip azaşýar. Ahyry şol çeşmäni tapyp gelýär, görse, çeşmäniň başynda bir çagajyk aglap ýatanmyş! Görse, öz kempiri!
Ýöntem rowaýat! Emma ynanasym gelip dur. Ýurduňdan jyda gezseň, öz topragyň, daglaryň, düzleriň, çölleriň gudratdygyna düşünýärsiň.
Hawa, dünýä gelen adam öljek däl! Dünýä gelen adam mydama ýaş boljak!
Hawa, dünýä gelen adam tüçjar baý boljak, depseň-deprenmez hazyna edinjek, emma, hany, hemme kişiniň gaznasyny doldurar ýaly altyn! Şol sebäplem adamlar başga jisimleri altyna öwürjek bolup müňlerçe ýyllap kelle döwüpdirler. Şeýle alymlara rus dilinde Alhimik diýilýär. Ol gadymy Müsürde Al kem diýen sözden döräpdir. Müsüriň baý hasylly gara topragy barmyş. Al Kem – gara toprak diýen manyny berýär. Türkmenem bir baý ýeri başgaça aýtjak bolanda pylany ýer müsür ýaly diýýär.
Her kim ýaş boljak! Her kim ölmejek!
* * *
Ata gazansa, ogul sowurýar. Ogul – gazansa, agtyk sowurýar. Baýlyk, irnik, ysgytsyz, göwni gala bolýar. Gelse, gitmek

bilen. Garyplyk weli, törüňi bir eýelänsoň, ýatyr ýaýal gadyrdan faryndaşyň bolup…
Dünýä baýlygyny — altynyny, gaýry gymmatbaha daşlaryny ýeriň astynda kemala getiripdir. Garyp adam hem baýlygyny ýerde ýygşyrýar. Arzuwçyl adam hem baýlygy ýeriň astyndan, humdan umydygär.
Ejem pakyr mydama: «Baýlygyň ulusy kanagat» diýerdi. Mende şol baýlygyň gaty ulusy bar. Hudaýdan aýlanaýyn, gözümi aç etmändir, özümem sähelçe zatdan doýýan. Gymmatbaha geýim-gejim almaga gurbatym çatmasa-da, geýmimi tämiz saklap, gowy geýinmegi başarýan…
Adam adamy nädip awlaýar?! Awlamagyň birnäçe ýoly bar. Şol ýollaryň birem iýdirip-içirmek. Hatda wezipeli kişileri hem şeýdip awlaýarlar. Görýäňmi, sirkde ýeke düwür gant bilen gaplaňy maýmyn edýärler… Beýle adamlar Germes düşünjesi boýunça aşaky dünýäniň adamlary.
Ikinji topar: bu ýerde adam adamy baýlyk bilen awlaýar: pul-para, sowgat. Üçünji topar: aýşy-eşreti halaýar, ahyry şonuň hem pidasy bolýar…
Hat-ýazuw döräp, ylma gapy açylaly bäri alhimiklerem bar. Bir döwürde olary kezzap diýip pisleseler, jezalandyrsalar, başga bir döwürde olar arzyly alym bolupdyrlar, garasaý, alhimikler adamzada «azajyk sabr ediň, erte ýa birigün altyn taparsyňyz» diýip ynandyrypdyrlar.
Geň ýeri, olar emeli usulda altyn almagy hem başarypdyrlar. Ony taryh bilýär. Altyny emeli usulda öndürmek üçin akyl daşy, ýagny mähek daş gerek.
1782-nji ýylda Jeýms Praýs atly alhimik Surreý şäherine alymlar toparyny çagyrypdyr. Ýörite komissiýa düzülipdir. Jeýms Praýs hut şolaryň gözüniň öňünde haýsydyr bir ak un ýaly zady simap bilen himiki reaksiýa geçirip ilki kümüş alypdyr, soňra-da altyn alýar.
Onuň alan altyn-kümşüni zergärler dürli usulda barlap görüpdirler. Hakykatdan-da altyn hem kümüşmiş.
Günbatar alymlary emeli usulda altyn almagy başarýan alhimikleriň ählisiniň hindi ýogalary ýaly uzak wagt bir nokada bakyp, ünsüni jemläp, himiki reaksiýasyna psihiki täsir

edýändigini nygtaýarlar. Şeýdip, älem sazlaşygyna girip Kosmos aňyndan, biziň bilmeýän dünýämizdäki güýçlerden kömek alýandyrlar diýip alymlar çaklaýarlar.
Ýöne weli bir zat aýan: dünýäniň alhimikleri emeli altyn aljak bolup tutuş himiýa ylmyny dünýä berdiler. Altyny açan-da, açmadyk bolsalar-da, altyndan has gymmat ençeme-ençeme maddalary açdylar.
Men bu zatlary gündeligime ýazyp näme diýmekçi bolýaryn?! Men öz-özüme ýüzlenýärin: eý, Osman jan, mydama hereketde, agtaryşda bolmak gerek. Mydama agtarmaly, oýlanmaly. Bu zat maňa degişli däl diýmeli. Allatagala ummasyz dünýäni döredipdir. Allatagala bu dünýäni, bu baýlyklary, bu geň-taňlyklary diňe adam üçin döredipdir. Diňe bir tebigaty däl, perişdelerem adamyň hyzmatynda goýupdyr. Onsoň, men bagtly däl diýen düşünjäni-hä asyl kelläňden çykar. Allatagala gowy görýän bendesine akyl-huş berýändir. Sende gül ýalak akyl-huş bar. Sen akyl-huşuň gadryny bil, ony hasam kämilleşdir.
Agtaran tapýar! Aňalan aňňalak gapýar!..
* * *
Rus milleti görmegeý, sagdyn millet. Rus gözelleri, megerem, dünýäde iň gözel gyzlar bolsa gerek. Aýratynam leningradly gyzlar… Leningradyň ak howasy, ak gar ýaly gyzlary… Eliňi degirseň eliň yzy galaýjak ýaly… Uçursyz owadan! Nädip owadan bolmasyn! Rus tebigaty bijaý owadan, görüp gözüň doýmaýar, görüp göwnüň doýmaýar! Ak beryozalar… Ýaşyl çemenlikler, bol suwly derýa…
Tebigaty ýaly, gözelleri ýaly owadan rus poeziýasynda rus kalbynyň giňligi barada müňlerçe goşgy bar. Dogrudan-da, rus kalby owadan, gözel, mährem… Şu halky hem basybalyjylyga gönükdirip bilýän syýasaty kim döredýärkä?
Bir klasdaşym geldi, şu pikiri hem goýup gitdi: türkmende işläp gazan, Orsýetde hem keýp çek, Kawkazda bolsa, dynç al!
* * *
Ýekesireýärin!.. Elimden işimi goýdugym dessine gelýär. Göwnüme bolmasa, ol gapynyň agzynda haçan Osman işini goýarka diýip garaşyp oturan ýaly…
* * *

Bernard Şouň «Keramatly Ioanna» atly pýesasyny okadym. Dili päki ýaly, nakyl ýaly dana sözlemleri gaty köp. On bäşinji asyrda Angliýa Fransiýanyň ençeme welaýatlaryny basyp alýar. Fransiýanyň ozalky koroly ölüpdir, ýaş korola täç geýdirip şalyga göterilmändir. Ýaş korol gowy ýigit, emma korol däl. Ol goşun dartyp söweş etmäge ukypsyz…

Ýurdunyň, watanynyň şeýle pajygaly ýagdaýyna gynanýan bir oba gyzy, soňra taryhda Janna d’Ark ady bilen meşhur bolan gyz eýdip-beýdip patyşanyň huzuryna gelýär. Janna gulagyna ses gelýändigini, korol onuň aýdanlaryny etse, iňlisleri derrew ýeňip boljakdygyny aýdýar. Jannada şeýle bir gudrat bar, ol ynanýar, ol ynandyrmagy başarýar.

Janna, öňi bilen, korola täç geýdirmegi ýola goýýar. Soňam uly goşuna serkerde bolup korol bilen iňlisleriň üstüne söweşe gidýär. Dünýäniň iň kuwwatly döwleti bolan iňlisleri ýeňýärler.

Iňlis goşuny ýeňilmeli däl! Ol köp goşun, güýçli goşun, ýeňilmezek goşun! Iňlisler fransuz goşunyny entek ýigrimi hem ýaşamadyk oba gyzynyň ruhlandyryp ýörendigini bilýärler. Janna d’Arkyň hakykatdan-da gudratlydygyna, onuň gulagyna asmandan ses gelýändigine göz ýetirip, aşaklyk bilen işläp başlaýarlar. Olar Jannany al-arwah bilen baglanyşykly diýip fransuz ruhanylaryny ynandyrýarlar.

Din hadymlary ýurdy azat ediji merdana gyzy oda ýakyp öldürýär!

Ynha, ýagşylygyň haky!

Her adam özünden pesräk adamy gowy görýär. Deňleşiberseň, galyberseň ýigrenýär. Akyllam bolsaň, gudratlam bolsaň, ilden saýlanmajak bol!

Gudraty saňa Alla beren bolsa-da, Alla arkaňda duran bolsa-da, jemagatyň öňünde melgun hökmünde öldürmegi başarýarlar.

Adamlar Isany nätdiler! Pygamber hem bolsa öldürdiler ahyry!

* * *

Garyp oduna gidýär, hum tapýar.

Mergen daglara şikara çykýar, hum tapýar.

Batyr şähere howp salan aždarha bilen uruşýar, ýeňýär, ol aždarhanyň gowagyndan ummasyz köp hum tapýar.

Çopan ýat illere gidýär, bir ýat gyza aşyk bolýar. Ol gyz patyşanyň gyzy eken, olar köp külpetleri başdan geçirip, ýurduň eýesi bolýar. Ol egsilmez hazynaly bolýar.
Her kimiň kalbynda Eldorado, Şambala ýaşaýar! Eldorado, Şambala – nähili owadan, jadyly hümmetli söz. Eldorado, Şambala – erteki, barybir, Eldoradonyň, Şambalanyň jahanda barlygy hyýal hem bolsa kalbyňy ýyladýar.
Altyn agtarýanlary baý edip bolar, emma jahandan many agtarýanyň güni kyn! Ol haýsy jelegaýdan, haýsy zamanda nädip dünýäniň manysyna akyl ýetirip biler?
* * *
Çarl Darwin 1832-nji ýylda parohodly Atlantik ummanynda gije ýüzüp barýarka şeýle bir geň-taňlyga uçraýar. Garaňky gije äpet tolkunlar gämä urulýar. Umman eýmenç uwlap ses edýär. Guwwaslar hem, ýolagçylar hem aňk bolýarlar: suwuň tolkunlary ýüz müňlerçe uçgun bolup syçraýarmyş. Çarl Darwin ony tolkunyň syçrantgylarydyr öýdüp gündeligine bellik edýär. Emma ol garaňky gije külembike ýaly şugla saçyp towsuşýan zatlar alymyň çaklaýşy ýaly tolkun syçrantgylary däl eken.
Olar özünde fosfory bolup, gije ýanýan balyjaklar eken.
Eger jahanda Adamyň döreýşini ylmy taýdan esaslandyran bu alymyň ol beýik pikiri hem «şuglaly balyjak» ýaly aldawçy pikir bolup çyksa niçik bolar?
* * *
Miladydan ozalky eýýamyň 323-nji ýylynda iýun aýynyň yssy günleriniň birinde gadymy Babylda dünýäde iň beýik imperiýanyň imperatory Isgenderiň ýakasyndan ajal ýapyşýar. Ölüp barýan imperatora:
– Beýik imperiýanyň ykbalyny kime ynanýarsyň? – diýip soraýarlar. Ol:
– Iň ýagşyňyza – diýip jan berýär.
Türkmenlerde Isgender şahly bilen bagly rowaýat köp. Olaryň birinde Isgender özüniň iki goluny hem tabytdan çykaryp gonamçylyga alyp gitmegi buýrupdyr. Ony görenler: «Hanha, dünýäniň eýesi bolan Isgender hem iki eli boş barýar o dünýä» diýipdirler.
Elbetde, bu türkmeniň pelsepesi. Hakykatda ol altyn tabytda

müň bir gymmatbaha şaý-sepleriň arasynda jaýlanýar. Altyn bar ýerinde, gymmatbaha metal bar ýerinde keramat bolmaýar.
* * *
Men öwran-öwran Magtymgula dolanýaryn. Magtymgulynyň beýikligi – ol edil garry ataň ýaly mähriban, gardaşyň ýaly ýürekdeş. Pyragydan türkmen topragynyň çörekleç ysy burk urýar, aç bolsaň garnyň doýýar, ruhuň dokunýar, Magtymguly bilen Görogly meniň hak hossarym boldy…
* * *
Magtymguly!
Magtymguly beýik şahyr diýseň bärden gaýdýar, beýik akyldar diýseň ýene bärden gaýdýar. Eger her bir halkda öz pygamberi bolýan bolsa, onda şol pygamber Magtymgulydyr.
Magtymguly – türkmen aňynyň, paýhasynyň, akylynyň ýeten beýik derejesidir.
Islendik jedelde jedel edýän tarap Magtymgulynyň setirlerini kepil getirse, jedel gürrüňsiz tamam bolýar.
Magtymguly hakynda romanlar, sahna eserleri, çeper film döredildi, ýazylan goşgularyň sany-sajagy ýok. Emma olary halk kabul etmedi, sebäbi olar Magtymgulynyň derejesinden ýüz keren bärdäki eserlerdir. Ol eserleriň hiç birinde keramat ýok, emma türkmene Magtymgulyny keramatsyz kişi diýip, asla ynandyryp bilmersiň.
Magtymguly – Magtymguly diýen derejäni döretdi. Ol dereje ýalňyz.
Magtymguly nädip beýle belentlige göterilip bildi?
Magtymguly – türkmen halkynyň ruhy, agysy, aýdymy!
Magtymguly türkmeniň watan hakyndaky ruhubelent, göçgünli, pajygaly, dana aýdymy. Magtymguly geçen asyrlaryň ahmyry:
«Pyragy, ýüz tutar türkmen iline, duşman gol urmasyn gyzyl gülüne, dostlar bizi ahyretiň siline, gark etmänkä rakyp gyrylsyn imdi!.. Türkmen ilim, eý, adamzat, azat il güzer gözlär men… Pyragy, watan diýp gan döker gözüm, baky garap durmuş hijrana ýüzüm… Hyzyr gezen çölde iller ýaýylsyn, ýurt binamyz gaýym bolup goýulsyn… Bir suprada eda bolsun aşymyz… Mert ýigit mert ärden öner, namart asyl-ha, mert bolmaz, eşit adam, dogan ilden gaýry mähriban ýurt bolmaz!.. Ýat illerde

mysapyrlyk çekenden, ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy… Gel, köňlüm, men saňa nesihat kylaý, Watany terk edip gidiji bolma… Bir-birini çapmas ermes ärlikden, bu iş şeýtanydyr, belki, körlükden, agzalalyk aýrar ili dirlikden, mundag döwlet dönüp duşmana gelgeý… Pyragy yşka ugraşdym, derýa girip möwje duşdum, hor bolmasyn puştdan-puşdum, berkarar döwlet istärin… Ulug iller dagar, çaşar, mert ärden hany bolmasa… Agzy ala bolan iliň, döwleti gaçan ýalydyr… Özüni ýüňsakgal eder, hiç ülke bibaş olmasyn… Din gylyjyn çalsam, tende zorum ýok, mähtäje nan bersem, elde zerim ýok, pakyr menem, senden aýra ýerim ýok…

Magtymgulynyň pederi alym şahyr Döwletmämmet Azady türkmen halkynda döwlet döredip bilmek taryhy puryjanyň gelendigini bilýär. Ol «Wagzy-Azat» kitabyny ýazyp döwlet gurluşyny, döwletiň borjuny, alymlaryň, danalaryň borjuny, serdarlaryň, halkyň borjuny beýan edýär. Ol döwletiň serdary Abdylla bilen Çowdur han bolmaly, ol döwletiň ruhy taglymaty Magtymguly Pyragy. Hut şol beýik mukaddes pikir bilen hem Çowdur handyr Abdylla ýaňy azatlygyny gazanan Ahmet Dürranydan ruhy goldaw, ýardam hantama bolup gidýär, emma ikiisiniň-de ykbaly pajyga bilen tamamlanýar…

Nedir şa türkmen, asly abşar türkmeni, Kakadan, ol türkmeniň ýurdunda döwlet döretjek bolup, Mara we Kaka Hywadan, Buharadan gaty köp türkmenleri zor bilen göçürip getirýär. Kakanyň ilersindäki Hywaabat şäheri Nedir şanyň Hywadan ýörite göçürip getiren türkmenleriniň şäheri. Emma Nedir şa öleninden soň ol türkmenler ýaňadan öz ýurduna göçüp gidýärler. Nedir şa Hindistanda bir welaýaty basyp alyp, ogluna hat ýazýar. Şol hatynda özüniň Allanyň kömegi bilen täze ýurdy basyp alandygyny, ol ýurduň şasynyň hem türkmen bolup çykandygyny, öz milletdeşini hormatlap, ony ýaňadan tagtynda oturdandygy barada ýazýar.

Türkmeniň ruhy baýlygynyň ýüzden togsan dokuz bölegi watançylyk hakynda. Eger biz häzir Magtymguludan öňki hem soňky klassyk şahyrlarymyzyň watanparazlyk şygyrlaryny yzarlajak bolsak, oňa özbaşyna bir kitap gerek bolardy…

Türkmeniň ikinji bir göze doly häsiýeti – merdi-

merdanalygydyr. Türkmen dessanlarymyzda, rowaýatlarymyzda, ertekilerimizde mertlik, edermenlik, gahrymançylyk, gözsüz batyrlyk, dogumlylyk, garadangaýtmazlyk şeýle bir wasp edilýär, oňa akylyň haýran. Türkmen hamana merdi-merdana bolup, dünýä söweşmäge, ölmäge gelen ýaly!

Näme diýip türkmeniň bu gylygy tug kimin göge göterilýär.

Sebäbi döwleti bolmadyk, belli bir serdary bolmadyk taýpa-taýpa bolup bölek oturan halky diňe gözsüzbatyrlyk gorap bilýär. Halkyň abadançylygynyň, parahatlygynyň kepili – batyr ýigitler!

Türkmeniň watandan soňky keramaty: goç ýigit, bedew at, ýarag!

«Gorka-gorka üflas ýagdaýa düşdük, herne kysmat bolsa, görülsin imdi… Habar geldi, dostlar, ýakyn-yrakdan, duşmana gurt oýny gurulsyn imdi… Eý, ýaranlar, kuwwat berjek hudadyr, Aly zülpükary syrylsyn imdi… Ýada salyň amanatdyr janymyz, Taňra gerek bolsa berilsin imdi… Bedew diýgeç hemme bedew deň bolmaz, çyn bedewler meýdanynda bellidir… Ýigit özün maglum eder işinde, gylyjynda, zamanynda bellidir… Ol ýigitler görde ýagşy, başy gowgaly bolmasa. Goç ýigidiň ady çykmaz, döwleti-maly bolmasa… Endişeli iş bitirmez, meýdanda däli bolmasa… Hak nazaryn salan bir serhoş ýigit, ynsan üçin sarp eýleýir aşyny, namysly, gaýratly arly goç ýigit, söweş güni gurban eder başyny… Bedew ölse, meýdan galar armanly, hak yşkyna at sal meýdan ýoluksa… Mert çykar myhmana güler ýüz bile, namart özün gizlär myhman ýoluksa… Söweş güni goç ýigitde müýn bolmaz, garşy bakar peýkam-ýaýa seretmez… Goç ýigide ar gylyjy, aşyga didar gerekdir… Goç ýigitler döwüşende, namys bilen ar gerekdir…».

Türkmen ýagşyzada ýaly päk halkdyr…

Adamzat dünýä gazanynda gaýnap dur, onuň bir tarapy ýanyp barýar, beýleki tarapyna ot hem degmändir…

Birnäçe adamlar wagşyýana ýaşap ýören bolsa, birniçe adamlar ýagşyzada bolupdyr. Magtymguly her bir setirinde adam bolmagy, beýik, ajaýyp adam bolmagy, il ogly bolmagy, topragyň ogly bolmagy ündeýär:

«…Hoş, mylaýym boluň, kem suhan bolmaň, menden zynhar, iliň bilen kaş bolmaň… Ogry-kezzap bilen obadaş bolmaň… Ömrüňi

ötürgil jemagat bilen, mesjidi ýykylsa mährap tapmar sen… Namart bolup dänse aýdan sözünden, ondan diňe müňkür, ýezit ýagşydyr… Bir guýruksyz itdir, gaçgyl, nesihat ýokmaýan ärden… Bir bidöwlet bilen birge bolynçaň, döwletliniň gapysynda gul bolgul. Bedasyl beg gullugynda ýörinçäň, asyl begiň saýasynda kül bolgul… Häkim bolsaň halky Gün kibi çoýgul, akarda suw, ýa öserde ýel bolgul… Bisabyr gul tiz ýolugar belaga, sabyrly gul dura-bara şat bolar… Bibat bolup döner Lutuň şährine, her ülkäniň häkim äri bolmasa… Agzy gülýän, kalby bozuk namarda, gardaş olma ýyrak eýle özüňni. Hemra bolup oturmagyl pis bilen, poha degseň beýniň dolar ys bilen… Hak, pygamber, halk bizardyr, düýbi ygtybarsyz ärden… Adam bar müň tümen iýdirseň azdyr, adam bardyr iýen nanyna degmez… Ýamanyň zyýany iline ýeter, nadanyň peýdasy özüne degmez… Ýagşylygy pis bilmez, är ýanynda bellidir. Görer gözüň gymmaty kör ýanynda bellidir… Ýagşy bilen bolsaň oba, işiň zowky-sapa bolar… Akmak özün akyl diýr, tentek özün sag saýar… Taňry söýen bende bet doga kylsa, pelegi titreder arşy ýandyrar… Çyn ärlerde galmaz arman, döwüş kylsa mert biläni. Hijran bagtym kyldy weýran, ilim bilen, ýurt biläni. Eger bolsaň bir ülkäniň patşahy, owwal başda bir sagadat gerekdir… Hak sylaýyp, hümmet merdiň ýanyna, ilden-günden ol ybadat gerekdir… Namart çaşyr küren ile baş bolsa, aýbyn açar öz ilinden daş galsa, serhoş bolan goç ýigide duş bolsa, salar gyljyn üçi nedir, dört nedir… Gadyrdan dostuňdan ýüzüň öwürme, barsaň depesine täç eder seni… Aňrysyzy azdyrar, götin döwlet baş gitmek… dargady ärler geňeşi, ulug jemagat galmady… Ýigidiň höwesi mahbup, ýarag, at, il derdine namys getir bigaýrat, obada jeň tapsa sansyz bidöwlet, mert oglunyň depesinden muşt döker… Aty meýdan tanyr, hümmeti myhman, jomart ogly supra ýaýyp aş döker. Jeň wagtynda ýigitleriň serhoşy, il üstünde namys bilen baş döker… Kişi namyslydyr el degse pyşta, hiç kes oňa kylmaz dostluk serişte, şehitler gan bilen girse behişte, jomartlar baradyr aşnu-nan bilen…
Nähili hyruçly, ýangynly, göçgünli setirler! Mert ýigitler söweş güni serhoş bolýar. Şerap ýa meý serhoşlygy däl. Watan yşky göterilip, watançylyk duýgusy göterilip serhoş bolýar… Sowet döwründe diňe içip serhoş bolup bolýandyr öýdüp ýören

adamlar üçin söweş serhoşlygy ýat düşünje…
Dünýädir bi. Belki, merdi-merdanalyk, edermenlik babatda Magtymguludan has hyruçly, saldamly pikir aýdan şahyr hem bar bolsa bardyr. Emma bir zady unutma, dostum: Magtymguly öz zamanasynyň mekdep-medreseleriniň, ylmynyň aňyrsyna çykan uly dini ulama, ahun, pir, weli… Magtymgulynyň şygyrlarynyň uly bölegi sopuçylyk goşgulary bolup, ol Gündogar sufizminiň iň beýik parlak ýyldyzy. Magtymguly din hadymy, keramatly adam. Pyragy şygyrlaryny basgançak edinip, adamzat dünýäsinden çykyp, ýagşyzadalyk dünýäsinden geçip, Allanyň dergähine golaýlan alym, danyşment.

(dowamy bar)…

Sözler